# Saýran tillerim

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Saýran tillerim

SAÝRAN TILLERIM

Arap, Ajam her bir zada goşuldy,
Sanly düzgün bilen saýran tillerim.
Kem-kem özün çekip ýoga daşyldy,
Indi din öýunde haýran tillerim.

Biri bar diýr, nämedigin bilenok,
Bagt uklap köňül çagyň bolanok,
Ýalbarýarys, bize görnüp gelenok,
Biri bar salgymna ýortan tillerim.

Hiç milletin gulagyna ýokanok,
Dogry diýsem zamanama ýakanok,
Kemin ýazsam, doly many çykanok,
Güň bolupdyr şindi saýran tillerim.

Çistan bilen bir dilegi içerde,
Goýup ýazsam onda açylmaz perde,
Dilim yarylypdyr, galmyşam derde,
Ýene-de gelermiň her yan tillerim.

Näler sanyñ aldym jüzler dolduryp,
Okuw açyp her millete bildirip,
Bu gün indi pelek seni öldürip,
Kuranyň astynda çüyrän tillerim.

Şeýdaýy diýr kelam, mantyk eyesi,
Indi ony hiç kim gelmez diýesi,
Arap dili boldy sözler güýesi,
Dartyşyp dört ýana süýrän tillerim.

ŞEÝDAÝY.

Goşgular